# Şigalar barada näme bilýärsiňiz?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypamyza musulman doganlarymyzdan şiga (شيعة) fyrkasy barada düşündirmegimizi sorap ençeme gezek hat geldi. Bu gysgajyk makalada şigalaryň esasy azgynlyklaryny sanap geçdik. InşAllah geljekde şiga fyrkasynyň emele gelişi we başgada olaryň fyrkasyna mahsus bolan aýratynlyklary barada giňişleýin makala taýýnlamagy göz öňüne tutarys.

Şigalar möhüm meselelerde musulmanlara garşy çykýarlar:

**1-Şigalaryň Kuran-Kerim baradaky ygtykatlary:**

Şigalar Kuran-Kerimiň üýtgedilendigine we käbir aýatlaryň çykarylyp we käbir aýatlaryň goşulandygyna ynanýarlar.

Allah Tagala Kuran-Kerimde:

إِنَّا نَحْنُ نَزَّلْنَا الذِّكْرَ وَإِنَّا لَهُ لَحَافِظُونَ

“**Biz Kuran-Kerimi indirdik we biz hem ony gorarys**” diýýär.(Hijr 15/9)

Musulmanlar bir agyzdan Kuran-Kerim Allah Tagala tarapyndan goralýandygyny we kyýamada çenli üýtgemejekdigine ygtykat edýärler. Kimde-kim Kuran-Kerimiň bir harpy üýtgäpdir, aýrylypdyr ýa-da goşulypdyr diýse, kapyr bolar.

**2-Hadyslar baradaky ygtykatlary:**

Sahyh Buhari, Sahyh Muslimdäki we başgada hadys kitaplaryny kabul etmeýärler.

**3-Töwhit ýagny Allahy birlemek meselesindäki ygtykatlary:**

Allahdan başgasyna, ölülere doga-dileg, nezir we gurbanlyk edýärler. Welileriň we ähli-beýtiň dünýäniň dolandyryşyna täsiri bardygyna ynanýarlar.

**<u>Käbir sufi toparlar hem olardan bu batyl we küfr bolan ynanjy alandyrlar. Käbir musulman halklara gabyr parazlyk, ölülere sygynyp, olardan ýardam dilemek şigalardan geçendir!</u>**

**4-Gaýb ylymy baradaky ynançlary:**

Özleriniň magsum (günäsiz) diýip, atlandyrýan ymamlarynyň gaýb ylymyny, geljekden bilýändigine ynanýarlar.

**5-Şerigat we hakykat:**

Şigalar şerigat Pygambere (sallallahu aleýhi we sellem) berlen hökümler diýýärler. Emma olaryň özleriçe hakykat diýip atlandyrýan ylymyny bolsa, diňe ähli-beýtden bolan ymamlar bilýär diýip, ynanýarlar. We Allah bilen baglanyşyk diňe şol ymamlaryň araçylygy bilen bolup biler diýýärler.

**<u>Gynansakda bu küfr bolan pikir şigalardan sufilere geçipdir.</u>**

**6-Şigalar sahabalara söwýärler:**

Şigalar Hezreti Ebu Bekire we Hezreti Omara (radiallahu anhuma) lagnat aýdýarlar. Emma Pygamberimiz (sallallahu aleýh we sellem) olar dirikä jennet bilen buşlady. Şigalar başga sahabalarada söwýärler we olaryň käbirine kapyr diýýärler.

**7-Aýşa enemiz (radiallahu anha) baradaky düşünjeleri:**

Aýşa enemize (radiallahu anha) zyna etdi diýip, töhmet atýarlar.

**8-Halifat baradaky ygtykatlary:**

Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) soňra Halifatyň Hezreti Ala (radiallahu anh) geçmelidigini aýdýarlar. Birinj halifeler bolan Hezreti Ebu Bekir we Hezreti Omara (radiallahu anhuma) zalym we kapyr diýýärler.

**9-Şigalaryň ybadatda edýän azgynlyklary:**

Azany üýtgedip aýdýarlar we azanda Şaýatlyk edýärin Ali müm'inleriň emiri diýip, goşýarlar. Namazy üç wagtyna okaýarlar. Täretde aýaklaryny ýuwmaýarlar.

**10-Takiýýa edýärler:**

Ýagny şigalar ynsanlary aldatmak üçin öz batyl akydalaryny gizleýärler.

**11-Şigalaryň ähli-sünnet musulmanlara edýän hüjümleri:**

Şigalaryň agalyk edýän ýerlerinde hususanam Eýranda ähli-sünnet musulmanlara basyş alyp barýarlar we ähli-sünnetiň metjitlerini azaltmaga çalyşýarlar.

**12-Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) agtygy Huseýiniň (radiallahu anh) ölen gününde edýän zatlary:**

Şigalar Huseýiniň (radiallahu anh) ölen gününde ýas tutýarys diýip, özleriniň we erkek çagalarynyň bedenlerine pyçak,

gylyç ýaly kesiji zatlar bilen urup matam tutýarlar.
**13-Müte nikasy:**
Şigalar jynsy gatnaşyk etmek üçin wagtlaýyn Müte nika gyýýarlar.
Allah Tagala ähli-musulmanlary azan ynsanlaryň şerinden gorasyn.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.